# Ata Çapow

Category: Kitapcy,Taryhy şahslar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ata Çapow

ATA ÇAPOW

Professor Mäti Kösäýewiň ýatlamasyndan: «Ýene bir gyzykly waka. 1940-njy ýyllarda taryh we dil-edebiýat institutynyň ylmy işgäri ýoldaş Ata Çapow meşhur göroglyhon Pälwan bagşydan eposyň şahalaryny ýazyp alan wagtynda, bagşy «Göroglynyň ölümi» diýen şahasyny aýdyp bermek islemeýär. Munuň sebäbini bagşy şeýle düşündiripdir: «Atam pakyr «Göroglynyň» başga şahamçalaryny aýdyp bererdi-de, onuň ölümi hakdaky şahamçany öwretmedi. «Saňa galanlary hem bir märeke güýmärçe bor» diýdi. Men sebäbini soramda atam: «Diňleýjilere batyryň ölümini aýdyp, olary gynandyrmazlyk üçin, şol bölümi aýtmasyz edip, bagşylar şert etdiler» diýdi. Eger men şol şahamçany aýtsam, bagşylaryň şol şertini bozdugym bolar» diýip, Pälwan bagşynyň öýünde bir aý gowrak bolup, eposyň esasy şahalaryny ýazyp alan ýoldaş Ata Çapowa aýdyp bermändir».
«Görogly» eposy 1941-nji ýylda ilkinji gezek kitap görnüşinde çap edilýär. Kitaba onuň on üç şahasy girizilipdir, kitaby çapa taýýarlan ýazyjy Ata Gowşudow, redaktory bolsa Mäti Kösäýew.
Professoryň ýaňky ýatlamasynda ady agzalan Ata Çapow bolsa institutyň tabşyrygy bilen Daşhowuza gidip, Pälwan bagşydan «Görogly» eposynyň ençeme şahasy ilkinji gezek ýazyp alypdyr.
Eýsem-de ,olsa, gürrüň edilýän Ata Çapow kim bolupdyr? Edebiýat ylymynda öňde-soňda bu adamyň adyna gabat gelmämsoň, men onuň soňky ykbaly bilen gyzyklanmagyň ugruna çykdym. Birnäçe wagtlap sorag-ideg edemsoň, maňa uly ogluny salgy berdiler. Görüpotursam, ol meniň işleýän redaksiýamdan känbir uzakda ýaşamaýan eken. Aralyk bary-ýogy taýak atym ýer bolsa nätjek!
Ata Çapowyň ogly Kakaly aga häzir ýetmiş ýaşynda. Ine, biz

onuň bilen çaý başynda söhbetdeş bolup otyrys.
Kakam Ata Çapow, käbirleri oňa Çapow hem diýäýärdi, 1894-nji ýylda doglan. Onuň kakasyna Töleg onbegi diýýän ekenler. Patyşa döwründe Aşgabat obasynda poşuçylyk edipdir. Ir wagtda ýogalan. Özem Georgiý ordenininiň ikisiniň eýesi eken.
Gürrüň bermeklerine görä, ol asyryň başlarynda jigit bolup Parižе gidipdir. O ýerde ahal-teke bedewleriniň sergisi gurlan bolmaly. Atam pahyr Parižden gelende «Türkmen donuna, telpegine, türkmen gowurmasyna haýran galdylar» diýip gürrüň berer eken. Çünki ýagyş ýagyp dursa-da don ezilmändir. Telpek bolsa ýassyk ornunda ulanylypdyr. Onuň içindäki keçeden ok hem geçmändir. Hakyt ok atyp, barlabam görüpdirler. Gowurmamyz bolsa näçe wagtlap dursa-da zaýalanmandyr.
Men ine şol Parižе gidip gelen atamyz Tölegiň at dakylany.
Atamyň Parižde düşen suratyny ulaldyp, öýde asyp goýdum. Bir gezek biri öýe gelende haýran galyp, «Bi kimiň suraty?» diýip bilesigelijilik bilen sorady. Dogrusyny aýtsam, «Bi meniň atam» diýmekden çekindim. Döwrüň özi şeýledi-dä. «Bir artistiň suraty-la» diýen boldy.
Indi kakam hakda. Ol irki wagtlarda Kozlow şäherindäki Miçurin tehnikumyny tamamlapdyr. Başda Garadamak obasynda mugallymçylyk,soň agronomçylyk edipdir. Gumda kükürt zawodynyň direktory bolup işläpdir. Bu otuzynjy ýylaryň başlarynda bolmaly. Şol wezipede işlän döwri ony Ata Gurduň toparlanyşygyna gatnaşygyna gatnaşyjy hökmünde partiýa hataryndan hem-de wezipesinden boşadýarlar. (Otuzynjy ýyllarda «Ata Gurdowçylyk toparlanyşygy» hakda goh turzulýar. Munuň özi aýratyn bir gürrüň – A.Ç.)
Partiýadan çykarylandan soň onda-munda işledi. Aşgabat pedinistitutyny ekstranat sistemasyny gutardy. Özi dil ugrundan ökde adamdy. Dilewardy. Mäti Köse bilen ýygjam gatnaşykdady. Amandurdy Alamyşow dostudy. Iýeni aýra gitmezdi.
Otuz alty ýa-da otuz ýedinji ýylmydy, ol dil-edebiýat institutynda işleýärdi. Institut ony Daşhowuza komandirowka iberdi. Komandirowkamdan gelşi şu günki ýaly ýadymda. Ýany bilen ep-esli kagyz getirdi. Dogrusyny dogry aýtmaly, kakam nämeüçindir getiren şol kagyzlarynyň hemmesini instituta

tabşyrmady. Näme üçindigini bilemok. Ýa-da tabşyryp ýetişen däldir. Sebäbi komandirowkadan gelenden üç-dört gün geçendirdä, ony ýygnadylar. Gije öýden alyp gitdiler. Bir ýyl dagy türmede ýatdy. Ýyl kesmän goýberdiler.

Soň ep-esli wagt geçenden soň men onuň näme üçin ýygnalandygyny biljek bolup Moskwa birnäçe gezek ýazdym. Belli bir bilen zadym bolmandy. Ýöne onuň ýyl kesilmän boşadylşy hakynda şeýle pikir edýän: Ejow işden boşadylyp, onuň ýerine Beriýa bellenýär. Şo döwürlerde-de BK/b/P MK-nyň ýanwar plenumy geçirilýär. Stalin şol plenumda çykyş edip, köp adamlaryň nähak basylýandygy hakynda aýdylýar. Ine, şol aralykda basylan adamlaryň ençemesi türmeden boşadylýar. Kakamam şolaryň arasynda bolmaly.

Kakamyň özi nämüçin basylandygy, görkezilen horluklar barada ýekeje kelam agyz gürrüň bermezdi. Ýögsam biz ondan käwagt bu hakda soraýardygam.

Belki-de,onuň kükürt zawodynyň direktory bolup işländigini göz öňünde tutup basan bolmaklaram ähtimal. Sebäbi bu zawod şo döwürde harby ähmiýetlidi.

Kakam bilen professor Suknew bir kamerada bolupdyr. Ol mikrobiologiýa we epidiomlogoýa institutynyň direktory bolup işleýän eken. Ikisi-de bile boşaýar, soň-soňlaram professor öýümize, kakamyň ýanyna çaýlaşmaga gelýärdi. Şu ýede men bir merdana aýaly mähribanlyk bilen ýatlaçym gelýär. Ol kakamyň işdeş ýoldaşy edebiýatçy alym Sakaly. Şol aýal kakam tutulanda bize kömek etdi. Gorkman-zat etmän, «halk duşmanynyň« maşgalasyna kömek beräýmek, uly edermenlikdi. Oňa kelle ýaly ýürek gerekdi.

Türmeden boşap gelensoň kakam Garadamakda az wagtlyk mugallymçylyk etdi. Soňam aýna zawodynda kömekçi hojalykçy bagban bolup işledi. Wagt geçmänem Watançylyk urşy başlandy. Ilkinjileriň hatarynda-da urşa meýletin gitdi. Uruşda ýaralanýar. 1945-nji şylyň awgustynda-d öýe geldi. Men kakam bilen Orsýediň bir şäherinde, ady şumat ýadyma düşenok, demir ýol wogzalynda gabat gelişdik. Ol esger geýmli, frontdan gelýän ekeni. Bizem Moskwa Bedenterbiýeçileriň bütinsoýuz paradyna gatnaşmak üçin bäriden barýas. Perronda durun weli

ine, kakam aňyrdan ýöräp gelýär. Guşaklaşdyk. Arkaýyn gürleşibem bilmedik. Otly ugramak bilen boldy. Begenjimden weli gözümden akýan ýaşy saklap bilemok. Kakam bolsa ellerini galdyryp galdy.
Men şo wagt oba hojalyk institutytnda okaýardym. Göwräm daýaw bolansoň maňa parada Türkmenistanyň baýdagyny götermegi tabşyrdylar. Parady synlamaga hut Staliniň özi gatnaşýar. Soň kyrk altynjy ýylyň paradynda-da men baýdak göterip geçipdim.
Kakam frontdan gelenden soň ýene-de şol işlän ýerinde bagbançylyk ediberdi. Sebäbi o döwürde, partiýadan çykarylansoň diliň gysga bolýar-da. Frontda söweş, instituty gutar, känbir seredýän adam ýokdy.
Kakasynyň partiýadan çykarylanlygy üçin onam horlaýarlar. Bu şeýle bolýar.
Kakaly kyrkynjy ýyllaryň ahyrlarynda instituty tamamlapm, Döwlet kontrollygy ministrliginde işe başlaýar. Şo ýerde dört ýyl işleýär. Birdenem sen-men ýok, ony ýekeläp başlaýarlar. Nämemişin, partiýa girende kakasynyň partiýa hataryndan çykarylanlygy görkezilmänmişin. «Men o wagtlar kakamyň partiýadan çykarylanlygyny bilemog-a. 10-12 ýaşly oglan. Partiýany näbileýin. Onsoňam bu hakda kakamyň özem dil ýaranok» diýip, Kakaly aga aýdýar.
Ony işden boşadýarlar. Käýinç yglan edýärler. Şeýdibem ekerançylyk institutynda işläp başlaýar. Bir gezegem ony Daşhowuza komandirowka iberýärler. Bu elli üçinji ýylyň gürrüňi. Şol komandirowka onuň soňky ykbalyna uly täsir edýär. Ýýlanlyň «Bolşewik» kolhozynyň başlygy Rejepguly Ataýew oňa uly howandarlyk edýär.
Stalin ýogalandan soň, BK/b/P MK-nyň sentýabr plenumy geçirilýär. Bir topar zatlara täzeçe garalýar. «Olam tüýs meň ýalylaň maňlaýyndan dirän zat bolaýdy. Rejepguly maňa «Bärde gal» diýdi. Menem razylaşdym. O wagtlaram men ýigrimi dokuz ýaşymda. Aýalym, iki çagam bar».
O ýerde Kakaly MTS-iň direktory bolup dört ýyl işleýär. Soň Köneürgençde ýerleýär. MTS-de üç ýyl direktorlyk edýät. MTS ýapylandan soň Aşgabada gaýdýar. Oba hojalyk tehnikumyna ýolbaşçylykedýär. «Garagumsuwgurluşyk» uprawleniýesinde

şolbaşçy wezipelerde işleýär.
– Ýedi ýyl Daşhowuzda işledim. Zähmet söýer halky bar eken. Işlemek weli ýeňil däl. Partiýanyň obkomynyň birinji sekretary zabun adamdy. Şo ýedi ýylyň içinde birinjä jaň etmän, aýagyňy arkaýyn uzadyp ýorgana girmek mümkin däldir. Agşamara işläp oturansyň. Jaň geler. Ilkinji soragy «Näçe ekdiňiz?» bolar. Senem aýdarsyň. Meselem, şu günki ekileni üç ýüz gektar. «Partbiledini alyp gel» diýer. Bäride obkom barmy. Sen-ä iň bir çetdäki etrapdasyň. 150 kilometr. Ýol-ýoda ýok. Maşynly ýola düşersiň. Halk-halk edip gije sagat birlere obkoma bararsyň. Garaşyp oturandyrlar. Horluk baryny görkezerler. Bir zat bolanda organ işgärleri garaşyp durandyrlar. Býurodan çykyp gös-göni şol ýerde ýygnalan adamlaram az däldir.
Köneürgeniň birinji sekretaryna Ryzaýew diýýärdiler. Atly-abraýly adam. SSSR-iň deputaty. Doglan gününe başga bir raýondan bir adam söwüş edipdir. Obkomyň birinjisi şony bilip, ikisinem basdyrypdy. Heý, şu ýerde basar ýaly näme bar?!
Ýa-da Aşyr Kakabaýewiň iki gezek Gahrymanlyga mynasyp bolanlygyny köp adam bilýänem däldir. Oňam birini şol adam aldyrtdy. Şoň sütemine çydaman meşhur zwenowod Yslam Toýly welaýatdan gaçyp gitmäge mejbur boldy.
Etraba şol adam gelýär diýseler, hakyt ezraýyl gelýän ýalydyr. «MK-nyň birinji sekretary Suhan Babaýewiç gelýär» diýseler, derrew «Kim bilen gelýär» diýip soralýandyr. Ýanynda ikinji ýa-da oblispolkomyň başlygy Nobar Piriýew bar diýseler, hezil edýändirler. Eger-de «Obkomyň birinjisem bar» diýseler, onda dat günüňe…
Şumatky Metbugat öýüniň ýerleşýän ýeri biziň hemişelik oturmly ýerimiz. Esasan hem şo ýrede onbegiler bilen garadaşlylar ýanaşyk bolup oturdylar. Soň otuz dört-otuz bäşde meşhur sazanda Täçmammet Suhanguly göçüp geldi. Ogullary Çary, Hojamämmet bardy. Şo wagt ýaş sazandady. Görgüliler bir köne kiçijik jaýda ýaşaýardylar. Şumadyň towyk ketegi ýaly. Han aga diýýärdiler. Soň biriniň kümesine Jepbar Hansähet ejesi hem-de dogany bilen göçüp geldi.
Mylly aga bilen goňşurak ýaşaýardyk. Ol köne oturymlydy. Onuň jaýy uniwersitetiň naharhanasynyň edil bäri çetinde

ýerleşýärdi.Elbetde, köneden gelýän däpdir-dä: sogap üçin kelle syrmaly diýen düşünje bardy. Ýaşulylar her bäşinji gün kelle syrýardylar. Päkilerem kütek. Çalýan zatlaram ýok. Zorluk bilen kellämizi syrýarlar. Täçmämmet aga-da şol syrýanlaň biridi-dä.
Ýaňam aýdypdym, «Göroglyny» ýazyp almak üçin kakam Daşhowuzda bäş-alty aýlap komandirowkada bolmaly boldy. Pälwan bagşydan ýazyp alypdyr, ýene-de birtopar bagşylar bolmaly. Ýöne biz onuň institutyna tabşyrmaga ýetişdik kagyzlaryny saklap bilmänligimiz ýadyma düşende her gezek ýüregim gyýylyp gidýär. Oňa-da uruş, aç-ýalaňaçlyk, ýeter-ýetmezlik sebäp boldy. Kakam-a fronta gitdi. Yzynda-da birtopar çülpe çaga galdy. Aňzak gyş. Sowuk peçiň başynda gagşap oturansyň. Öýde-de peçde ýakar ýaly ýekeje-de tutaşdyrlyk ýok. Nätmeli? Kakamyň bitopar kagyzlaryny şonda tutaşdyrlyk etmeli bolduk. O ýyllar hirç kime görkezmesin.
Kakam pahyr daýaw adamdy. Meni gör, kakamy gör. Şumat Pagta obasyna barsam, kakamy tanaýanlar meni görüp, «Edil Ata aganyň özi-dä» diýýärler.
Kakamyň işi känbir şowuna bolanokdy. Onuň ýene bir eden işi bar. Ýandak bilen garpyz çigidini sepleşdirip, garpyz ýetişdirdi. Muny biz instituta-da hödürledik weli, netije bolmady.
Hawa, göroglyhon Ata Çapow 1978-nji ýylda 84 ýaşynyň içinde aradan çykýar. Şu ýyl bolsa onuň doglan gününe 100 ýyl dolýar. Onuň öz halkynyň öňünde bitiren hyzmaty uly. Munuň biziň hakykatyň hatyrasyna aýtmagymyz gerek. Ol baryp-ha otuzynnjy ýyllaryň ahyrlarynda ilkinjileriň biri bolup gözümiziň görejine deňelýän «Göroglymyzy» halkyna gaýtaryp bermek üçin paý-ýýýada obama-oba aýlanypdyr. Ençeme horluklara döz gelipdir. Onuň zähmeti ýele sowrulmady. 1941-nji ýylda «Görogly» eposy ilkinji gezek kitap bolup neşir edildi.
Munda Ata Çapowyň hem zähmeti ýatyr.
Diri wagty gadyry bilinmedik Ata aganyň, gijem bolsa ady tutulsa ýagşy. Onuň ýaşan Nogina köçesine Görogly üçin jan çeken Ata Çapowyň ady dakylsa, onda Göroglynyň nesli bolan biziň hemmämiz hem ýürekden begenerdik.

1994 ý.

Taryhy şahslar